**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2024-nji ýylyň 27-nji noýabryndaky № 65-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 7-öş "Önümçilikde ýüze çykan betbagtçylykly ýagdaýlarda zyýan çeken adamlaryň sany barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 7-öş (ýyllyk) forma boýunça döwlet statistik hasabatlylyk formasy eýeçiligiň görnüşine garamazdan özbaşdak balansda durýan önümçilik birleşikleri, kärhanalar, guramalar, edaralar, daýhan hojalyklary önümçilikde ýüze çykan betbagtçylykly ýagdaýlarda zyýan çekenler bar bolanda ýanwaryň 15-ne çenli düzýärler.

Düzüm birlikleri, özbaşdak däl bölümçeler (önümçilikler, sehler, bölümler we ş.m.) boýunça maglumatlar balansynda durýan kärhananyň hasabatyna goşulýar.

Düzümine önümçilik birlikleri girýän (ýagny, birleşigiň balansynda durýan kärhanalar) birleşik we birleşigiň özüniň ýerleşýän etrabynyň, welaýatynyň çäginde ýerleşen onuň garamagyndaky özbaşdak kärhanalar tutuş birleşik boýunça hasabat tabşyrýarlar.

Birleşigiň düzümine girýän we başga etrabyň, welaýatyň çäginde ýerleşýän önümçilik birleşikleri (şahamçalar) we özbaşdak kärhanalar boýunça №7-öş forma boýunça hasabaty birleşik ýa-da onuň görkezmesi boýunça önümçilik birlikleriniň özleri we özbaşdak kärhanalar olaryň ýerleşýän ýeri boýunça statistik edara tabşyrýar. Şeýle ýagdaýlarda birleşikler öz ýerleşýän ýeri boýunça statistiki edara diňe şu etrabyň, welaýatyň çäginde ýerleşýän önümçilik birleşikleri we özbaşdak kärhanalar boýunça tabşyrýarlar.

№7-öş forma boýunça hasabata kärhanada işini ýerine ýetirende önümçilikde işgärler, gullukçylar, daýhanlar iş tejribesini geçende, okuwçylar we talyplar we beýleki adamlar bilen bolup geçen betbagtçylykly ýagdaýlar barada maglumatlar goşulýar.

Aşakda görkezilen betbagtçylykly ýagdaýlar hasaba almaga degişli: şikes ýetmeler, bir iş smenasynda köp bolmadyk wagtyň dowamynda zyýanly önümçilik faktlaryndan soň ýüze çykan hünär bilen baglanyşykly ýiti keseller, zäherlenmeler, gün urmasy, ýanmak, sowuk almak, gark bolmak, ýyldyrym urmak, haýwanlar we mör-möjekler bilen aragatnaşygyň netijesinde zyýan ýetmegi, şeýle hem zähmet borçlaryny ýerine ýetirende (şol sanda iş sapary wagty) tebigy betbagtçylykda (ýer titremesi, süýşgün, suw almak, tupan we ş.m.) ýeten başga zyýanlar, şeýle hem administrasiýanyň tabşyrygy bolmasa-da kärhananyň bähbitleri üçin haýsy hem bolsa bir hereket amala aşyrylanda zyýan ýetmegi;

kärhananyň ulagynda, şertnama (sargyda) laýyklykda başga guramanyň ulagynda işe barýarka ýa-da işden gelýärkä ýolda;

bellenen arakesmeleri goşmak bilen, kärhananyň çäginde ýa-da başga iş ýerinde; iş başlamanka ýa-da tamamlananda önümçilik gurallaryny, egin-eşigi we ş.m tertibe getirmek üçin zerur bolan wagtyň dowamynda;

ýowar geçirilýän wagty, onuň geçirilýän ýerine garamazdan, kärhana tarapyndan şeflik kömegi berlen wagty;

önümçilik obýektlerinde, enjamlarda heläkçilikli ýagdaýlarda;

ulag serişdesinde, wahta şäherçesiniň çäginde, smena dynç alyşyndaky işgär (ýolbelet, refrižerator brigadasynyň işgäri, sürüji-smenaçy, deňiz we derýa gämileriniň işçileri, şeýle hem wahta-ekspedisiýa usuly bilen işleýänler) we beýlekiler bilen;

iş wagty jemgyýetçilik ulagynda ýa-da işi hyzmat edilýän obýektleriň arasyndaky hereket bilen baglanyşykly bolan işgär bilen pyýada barýarka, şeýle hem administrasiýanyň tabşyrygy boýunça iş ýerine barýarka.

01-nji setirde ölüm howply we 1 iş güne ýa-da ondan köp işe ýarawlylygy ýitirme boýunça zyýan çekenleriň sany görkezilýär. 02-nji setirde – aýratyn aýallar görkezilýär, 03-nji setride – daşary ýurt raýatlaryň sany.

04-nji setirde zyýan çekenleriň umumy sanyndan (01-nji set.) hasabat döwründe ölenleriň sanyny görkezilýär, 05-nji setirde – aýratyn aýallar görkezilýär , 06-njy setirde – ölüm howply, zyýan çekenleriň umumy sanyndan daşary ýurt raýatlary barada maglumatlar doldurylýar.

07-nji setirde hasabat ýylda wagtlaýyn işe ýarawsyzlygy gutaran soň, 1 iş gün ýa-da ondan köp işe ýarawlylygy ýitirme (ölenleri goşmak bilen) boýunça işe ýarawsyzlygyň adam – günüň sany görkezilýär, meselem, betbagtçylykly ýagdaý hasabat ýylynyň öňündäki ýylda noýabr aýynda bolup geçipdir we ejir çeken hasabat ýylynyň fewral çenli näsag bolupdyr. Şeýle ýagdaýda ejir çeken barada maglumatlary betbagtçylykly ýagdaýyň bolan ýyly üçin hasabatda görkezmeli, ähli zähmete ukypsyzlyk günleri (noýabr aýyndan fewral aýyna çenli aralykdaky döwür üçin) hasabat ýylynda görkezmeli.

08-nji setirde işe ýarawsyzlygyň adam–günüň sany aýallarda, 09-njy setirde daşary ýurt raýatlarda görkezmeli.

**Durmuş statistikasy müdirligi**